# Gojalygyň guwanjy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gojalygyň guwanjy GOJALYGYÑ GUWANJY

Şu çaka ogul-gyz hem,
Münmändiler üstüňe.
Eşek dek münüp bular,
Çybykla:ram, üstüne.

"Otur-tur, kersen getir",
Hany bolmanam görd-ä!
Gahar köşeşdirmäge,
Galarsyň asyl, görgä.

Kine etmän, kiçelmän,
Ýaşyň ulydygyna,
Buýsançly, ýeňil gopýaň,
Bulaň gulydygyňa.

Belki, kesbiň ýöredip,
Senden öňe gitjekler.
Salgyňy, sarganyňy,
Geljege äkitjekler.

Üýşseler şükür, bular,
Ýigrimiden agdyklar.
Gojalygmyň guwanjy,
Ýuwaş hem bet agtyklar.

2021 ý. Goşgular